ŞU GÜN ÖLSEM, NIRÄ GIDERIN?

Eý, ertirki günüň näme getirjegini bilmeýänler, ýaşaýşyňyz näme? Ol bir az wagt görnüp, ondan soň ýitirim bolýan bugdur. ÝAKUBYŇ HATY 4:14

DOLY DÜŞÜNMELI DÖRT HAKYKAT BAR:

1 HUDAÝ SENI SÖÝÝÄR.

HUDAÝ SIZIŇ BILEN JENNETDE EBEDI ÝAŞAÝŞYŇYZY ISLEÝÄR.
Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin, Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi. ÝAHÝANYŇ HOŞ HABARY 3:16

HUDAÝ SIZIŇ MANYLY DURMUŞDA ÝAŞAMAGYŇYZY ISLEÝÄR.
Ogry diňe ogurlap öldürmek, heläk etmek üçin gelýändir. Emma Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim.
ÝAHÝANYŇ HOŞ HABARY 10:10

ŞEÝLE-DE BOLSA, KÖP ADAMLAR MANYLY DURMUŞY BAŞDAN GEÇIRMEÝÄRLER WE EBEDI ÝAŞAÝŞA YNAMSYZLYK EDÝÄRLER, SEBÄBI ...

2 YNSAN TEBIGAT BOÝUNÇA GÜNÄLIDIR. ŞONUŇ ÜÇIN OL HUDAÝDAN AÝRYLDY.

BIZIŇ HEMMÄMIZ GÜNÄKÄR.
Çünki hiç bir parh ýok, sebäbi bary günä edip, Hudaýyň şöhratyndan mahrum boldy. PAWLUSYŇ RIMLILERE HATY 3:23

GÜNÄNIŇ JEZASY ÖLÜMDIR.
Sebäbi günäniň muzdy ölüm... PAWLUSYŇ RIMLILERE HATY 6:23

INJILDE ÖLÜMIŇ IKI GÖRNÜŞI BAR:

- FIZIKI ÖLÜM
Bir gezek ölüp hem ondan soň höküm edilmek ynsanlaryň ýazgydynda nähili bar bolsa, ÝEWREÝLERE HATY 9:27

- RUH ÖLÜMI ORA-DA ALLAHDAN BAKY AÝRALYK
Emma gorkagyň, imansyzyň, ýigrenjiniň, ganhoryň, zynagäriň, jadygöýüň, butparazyň, bütin ýalançylaryň soňy kükürt bilen ýanýan ot kölüdir. Ikinji ölüm budur. ÝAHÝA GELEN YLHAM 21:8

ADAM GÜNÄ SEBÄPLI HUDAÝDAN AÝRYLSA, BU MESELÄNIŇ ÇÖZGÜDI NÄME?

BULARY KÖPLENÇ ÇÖZGÜT HÖKMÜNDE PIKIR EDÝÄRIS:

DIN, ÝAGŞY AMALLAR, AHLAK

ŞEÝLE-DE BOLSA, HUDAÝ TARAPYNDAN BERLEN ÝEKEJE ÇÖZGÜT BAR.

3 ISA MESIH JENNETE BARÝAN ÝEKE-TÄK ÝOLDYR.

BU HUDAÝÝŇ AÝDAN ZADY.
Isa oňa şeýle diýdi: Men — ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn. Mensiz hiç kim Ata baryp bilmez. ÝAHÝANYŇ HOŞ HABARY 14:6

ISA MESIH GÜNÄLERIŇIZIŇ JEZASYNY DOLY TÖLEDI.
Çünki bizi Hudaýyň ýanyna eltmek üçin, ten boýunça öldürilip, ruh boýunça direlmek bilen, dogry bolan Mesih-de dogry däller ugrunda günäler üçin bir gezek öldi. PETRUSYŇ BIRINJI HATY 3:18

HUDAÝDA EBEDI ÝAŞAÝYŞ WADASY BAR.
Ogla iman eden ebedi ýaşar. Ogla iman etmedik ýaşaýyş görmez, Ol Hudaýyň gazabyna sezewar bolar. ÝAHÝANYŇ HOŞ HABARY 3:36

ŞEÝLE-DE BOLSA, ISA MESIHIŇ BIZIŇ ÜÇIN NÄME EDENINI BILMEK ÝETERLIK DÄL.

4 HALAS BOLMAGYMYZ ÜÇIN REB ISA MESIHE IMAN ETMELIDIRIS.

HALAS BOLMAGYMYZ, ISA MESIHE IMAN ETMEK ARKALY HUDAÝYŇ MERHEMETI BILEN MÜMKIN BOLDY.
Siz iman arkaly merhemet bilen gutuldyňyz. Bu siziň öz tagallaňyz däl, Hudaýyň sylagydyr. Hiç kim magtanmaz ýaly, oňat işlere-de bagly däldir.
EFESLILERE HATY 2:8-9

MUNY HUDAÝA IMAN BILEN DILEG EDIŇ:

LORDA REB, MAŇA BOLAN ULY SÖÝGIŇ ÜÇIN KÖP SAG BOL. GÜNÄKÄRDIGIMI BOÝUN ALÝARYN WE BAGYŞLANMAGYNY SORAÝARYN. GÜNÄLERIMIŇ JEZASYNY TÖLEMEK ÜÇIN HAÇDA ÖLENIŇ ÜÇIN SAG BOL. ÖLÜMDEN DIRELENDIGIŇE YNANÝARYN. MUNDAN BEÝLÄK SAŇA REBBIM WE HALASGÄRIM HÖKMÜNDE YNANÝARYN. BAKY ÝAŞAÝYŞ SOWGADYŇY KABUL EDÝÄRIN WE JANYMY SAŇA TABŞYRÝARYN. BUÝRUKLARYŇY ÝERINE ÝETIRMÄGE \WE GÖZÜŇDE ÝAKYMLY BOLMAGA KÖMEK ET. AMEN.

ISA MESIHE IMAN EDEN BOLSAŇYZ, SIZE AŞAKDAKYLAR BOLDY:

- HUDAÝ BILEN EBEDI ÝAŞAÝYŞ
Atanyň islegi Ogly görüp, Oňa iman eden her kesiň ebedi ýaşaýşynyň bolmagydyr. Men ahyret güni ony gaýtadan direlderin.
ÝAHÝANYŇ HOŞ HABARY 6:40

- YOURHLI GÜNÄLERIŇIZ BAGYŞLANDY. (GEÇMIŞ, HÄZIRKI, GELJEK)
Ol bizi garaňkylyk häkimliginden gutaryp, Öz söýgüli Oglunyň Patyşalygyna göçürdi. Biz Onda gutulyşa, günäleriň ötülmegine eýedíris.
KOLOSELILERE HATY 1:13-14

- SIZ HUDAÝYŇ ÖŇÜNDE DÜÝBÜNDEN TÄZE BIR JANDAR.
BU SIZIŇ TÄZE DURMUŞYŇYZYŇ BAŞLANGYJYDYR.
Şonuň üçin kim Mesihe bagly bolsa, ol täze mahlukdyr. Köne zatlar geçdi, indi ählisi täze bolandyr. 2 KORINTOSLYLARA HATY 5:17

- SEN INDI HUDAÝYŇ ÇAGASYSYŇ.
Emma Ol Özüni kabul edenlere, adyna iman edenlere Hudaýyň oglanlary bolma hukugyny berdi. ÝAHÝANYŇ HOŞ HABARY 1:12

GOODAGŞY IŞLER ETMEK HALAS BOLMAGYŇ SERIŞDESI DÄL-DE, HALAS BOLMAGYMYZYŇ SUBUTNAMASYDYR.

Siz iman arkaly merhemet bilen gutuldyňyz. Bu siziň öz tagallaňyz däl, Hudaýyň sylagydyr. Hiç kim magtanmaz ýaly, oňat işlere-de bagly däldir.
EFESLILERE HATY 2:8-9

Bu kitapça mugt. Satylmaýar.